# Dostlarym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dostlarym DOSTLARYM



Elime galamym aldym, oýlandym,
Siz hakda etdim men pikir, dostlarym.
Günde duşmasak-da dertli dünýäde,
Her hal baryñyza şükür, dostlarym.
Birisi uzynrak, biri kelteräk,
Birisi daýawrak, biri ortarak,
Biri içegenräk, biri ýaltarak,
Dostlarym bar ~ şoña şükür, dostlarym.

Biri baý, birisi garyp oñşugrak,
Birisiniñ häsiýeti ýumşagrak,
Biri pula, gyz-geline gowşagrak,
Dostlarym bar ~ şoña şükür, dostlarym.

Birisi üstüñde ganatyn gerjek,
Biri seniñ üçin janynam berjek,
Biri garaz senden bir peýda görjek,
Dostlarym bar ~ şoña şükür, dostlarym.

Birisi dag gaýasy deý haýbatly,

Birisi bar berk bedenli syratly,
Biri ownugrajyk birem gybatçy,
Dostlarym bar ~ şoña şükür, dostlarym.

Biri iliñ «ylym uran» diýýäni,
Birisiniñ diñe sungat söýýäni,
Köpüsiniñ hojaýyny aýaly,
Dostlarym bar ~ şoña şükür, dostlarym.

Toýly ÖWEZOW. Goşgular